THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanda daşary ýurt uniwersitetlerinde okamaga resminamalaryň kabul edilmegi başlandy

Türkmenistanyň Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde 25-nji noýabrda 2025-2026-njy okuw ýyly üçin Wengriýanyň we Hytaýyň uniwersitetlerinde bakalawr maksatnamasy boýunça okamaga dalaşgärlerden resminamalaryň kabul edilmegi başlandy. Bu barada **“Türkmenistan: Altyn asyr”** elektron gazeti habar berdi.

Dalaşgärler orta bilim maksatnamasynyň dersleri boýunça iňlis dilinde söhbetdeşlikden geçerler. Ýaş türkmenistanlylar ýokarda agzalan ýurtlaryň uniwersitetlerinde maglumat tehnologiýalary, saglygy goraýyş, bilim, inženerçilik, matematika we tebigy ylymlar ýaly ugurlar boýunça bilim alarlar.

Ýatlatsak, türkmen talyplaryny Hytaýyň we Wengriýanyň uniwersitetlerinde okamaga ugrukdyrmak karary 22-nji noýabrda hökümet mejlisinde kabul edildi. Prezident Serdar Berdimuhamedow ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça amala aşyrylýan toplumlaýyn işiň ähmiýetini belledi.

Все права защищены